# Hupbulwatan – 8 / hekaýalar toplumy

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Hupbulwatan – 8 / hekaýalar toplumy BÖWŞEŇLIK

Geçen günki tutluşyk türkmenleriň uruşmagy başarýandygynyň subutnamasy boldy. Eger olar başlaýyşlary ýaly dowam eden bolsalar, onda olaryň uly üstünlik gazanaýmaklaram mümkindi. Biz türkmenlere kembaha garaýandygymyza kemsiz düşündik. Olar göwniýetmezçilik edilýän duşmanlaryň hilinden däldi. Biz ertesi günem berkitmede çöp başyny galdyrman ýatdyk. Bu günem bizi azyk bilen özbekler üpjün etdi. Türkmenlere örän gazaply daraýan galyp mahalymyz olaryň ruslaryň göwnüni görjek bolup, azara galyp ýörmekleri örän geňdi. Meniň üçin-ä daşky keşplerinde az-kem tapawut bar diýäýmeseň, özbeklerem türkmenlere meňzeş halkdy. Olaryň dinleriniň, adatlarynyň şeýle ýakynlygyna garamazdan, biri-birlerinden şeýle tapawutlanmagy düşnüksiz zatdy. Ýöne olaryň arasynda razwedka gelen türkmenleriňem bolaýmagy gaty ähtimaldy…
Biz bu ýerde işsiz ýatyrkak türkmenleriň bir topary ýaraşyk baglaşmak maksady bilen geldiler. Soň men olaryň tekliepleriniň kabul edilmändigini bildim. Olar bary-ýogy üç hepde mundan ozal bu ýerlerde geçip giden Orenburg otrýadyny parahat kabul edenlerini aýdyp, ruslara duşmançylyklarynyň ýokdugyny ynandyrmak isleýärdiler. Olar bize uzak ýoldan getiren köp mukdardaky gawundyr miwelerini, süýtdir çöreklerini bahasyny almazdan, açyk göwün bilen hödür edýärdiler.
Soň bir gezek graf Şuwalow maňa biziň ýomutlaryň ýurdunda ot berip ýören mahalymyz öz adamlarynyň Köneürgenjiň golaýynda türkmenler bilen dostlukly ýagdaýda ýaşandyklaryny gürrüň berdi. Birnäçe ýomut gelip, oňa Golowaçýowyň goşunyny garşysyna işjeň goranyş soýuzyny baglaşmagy teklip edipdir. Olar: «Biz siziň bilen dostlukly şertnama boýun bolduk. Indi sizi soýuzdaş hasaplaýarys. Häzir biziň garşymyza türküstanly

ruslaryň bir taýpasy uruş edýär. Bu uruşda siz biziň arkamyzy almaly. Sebäbi biziň duşmanymyz siziňem duşmanyňyz» diýip, sadalyk bilen haýyş edipdirler.

GARPYŞYK

Biziň dynç alyp ýatyşymyza gün öýläne sandy. Gün gijigip ugranda general Golowaçýow türkmenlariň özlerine gaçybatalga tapan ýerleri baradaky maglumatlary ýygnap, indiki hüjüme taýýarlyk göçüp başlady. Garaňky gatlyşansoň, oduň başyna ýygnanan esgerleriň arasyna bäş-alty mil aralykdaky türkmenleriň üstüne daňyň alagaraňkysynda hüjüm edilip, olaryň üstüni gapyllykda basjakdygymyz barada hyşy-wyşy gürrüňler ýaýrap ugrady. Ol gürrüňleriň çynlygy agşam sagat onlaryň töweregi hüjüm etmek baradaky buýruk yglan edilendan soň belli boldy. Buýrukda goş-golamly goramak üçin birnäçe esgeri goýup, sagat birde hüjüme geçilmelidigi aýdylýardy. Aýdyşlaryna görä, türkmenler Ýylanlynyň aňry tarapynda düşlemäge hyýallanýardylar.
Sagat on birlerde, hemmeler ýatmaga giden mahal birnäçe gezek atylan tüpeň sesleri ümsümligi bozdy. Biz hüjüm başlanandyr öýdüp, ýaraga ýapyşdyk. Ýöne ýene töwerege ümsümlik aralaşdy. Garawul duran esger bir garanyň assyrynlyk bilen emedekläp gelýänini görüp, tüpeň atanyny habar berdi. Töwerek imisalalayk bolany üçin biz ýene-de özümizi düşege okladyk.
Sagat birleriň töweregi ýene-de tüpeň sesi töwerege ýaýrady. Biz ýaraga ýapyşyp, az wagtlyk aljyraňňylykdan soň, ýerli-ýerimizi eýeledik. Bu gezzekki goh ýöne ýerden turmandyr. Garawul garaňka duwlanyp, örän ýakyn gelen gara tarap tüpeňini boşadypdyrda, yzyndanam gylyjyny aýlapdyr. Onuň şeýdeni gowam bolupdyr. Sebäbi onuň töwereginde duşmanlaryň birnäçesi emedekleşip ýör eken. Bu wakdan soň Golowaçýow hüjümiň wagtyny sagat üçe çenli yza geçiedi. Häzir hüjüme başlasak, türkmenlere öz üstlerine abanýan howp baradaky habaryň ýetjegi ikuçsyzdy.
Sagat üçleriň töweregi bizi ukudan oýardylar. Biz iki ýüz arabadan ybarat goşumyzy ýygnap, boş meýdançanyň daşyna halka

etdik-de, olary goramak üçinem üç ýüz esgeri goýduk.
Goşun öňe süýşüp ugrady. Men ýanymdaky iki-üç sany esger bilen türkmenleriň üstümizi gapyl basmaklarynyň mümkindigi barada pikir alşyp barýardym. Birden aýylganç gygyryşýan adamlaryň gorkuly sesleri, at aýaklarynyň güpürdüsi, oklaryň şuwwuldysy beýnimizi sarsdyrdy. Töweregi wagşy, ar alyjy sesler gaplap aldy. Düzlük türkmenlerden doludy. Oklaryň şuwwuldysyndan, ürken atlaryň güpürdisinden, goh-galmagaldan ýaňa gulagyň perdesi ýarylsam diýýärdi. Ýalaňaç gylyçlar atylýan oklaryň ýagtyýsyna ýalpyldap gidýärdi. Biz esli wagtlap uruşmakdan-a geçen, gaýta töweregimize aňk bolup, näme edýänimizem bilemzokdyk. Diňe general Golowaçýow pyýada goşunadyr artilleriýa hüjüme geçmäge buýruk berenden soň, biz nirä barýanymyzam aňşyrman olaryň yzyna düşdük. Biz urşujylaryň ortasyndadyk. Eýýäm top sesi kesilipdi. Türkmenler şeýle bir ýakyndadylar welin, atylýan top oklary näçe pessaýlap atylsa-da, olaryň kelleleriniň üstünden geçýäedi. Şonuň üçinem türkmenler top oklaryndan ullakan zyýan çekenokdylar. Tüpeň sesleri öňkä görä gürelip ugrady. Kämahal garaňkylygyň içinde gazaply ýüzlerdir gylyçlaryň ýalpyldysy peýda bolup, yz ýanyndanam ýitip gidýärdi. Goh-galmagal öňküden on esse dagy artypdy. Kazaklar aljyraňňylyga, düşüp, ýuwaşlyk bilen yza çekilýärdiler. Eýlede-beýlede ruslaryň hatayny böwsen türkmenler başa-baş söweşe girýärdiler. Başagaýlygyň içinde men general Golowaçýowy gözden ýitirdim. Men ony soň gana boýalan halyna buýruk berip duran pursady gördüm. Türkmenler ony ýaralapdyrlar. Onuň ýanyndaky ştab naçalniginiňem kellesinden gan akýardy.
Birden kazaklar dowla düşdüler-de meni hem öz hatarlary bilen südürläp, yza okdurdylar. Bu ýönekeý yza çekilmä meňzänokdy. Men henize çenli beýle dowla düşen adamlary görmändim. Diňe ýer titrände şeýle ýagdaýa düşmek mümkindi. lerini ýitiren kazaklaryň ýüzlerinde gorky alamaty bardy. Munuň ýeňlişdigine gyrgynçylykdygyna men soň düşünip galdym.
Ýomutlaryň ýüwrük atlarynyň deminden birimizem aman sypyp biljek däldik. Daňyň alagaraňkysynda berkitmämiziň ýerleşýän tarapyndan at salyp gelýän türkmenler aýyl-saýyl görünýärdi.

Biz gabawa düşüpdik.
General Golowaçýowy gözleýändigini bildirip duran şazada Ýewgeniý öňünden dazyrdap geçip gitdi. Onuň elinde tüsseläp duran nagany bardy. Soň eşidip otursam, olam gabawa düşüp ýaralanypdyr. Türkmenler onuň janpenasyny öldüripdirler. Onuň özi bolsa, iki adamy atyp öldürip, zordan sypypdyr. Men kazaklaryň arasyndan saýlanmagy makul bildim. Men nädip duşmanlar bilen ýüzbe-ýüz bolanymam duýman galdym. Garaňka gark bolup oturan günbatardan bitertip hatarly duşman atlylary eňip gelýärdi. Olaryň gazaplygaraýagyz ýüzleri, ýalaňaç gylyçlary atylýan oklaryň ýalkymyna çala saýgardýardy. Men häzir syn edip durmagyň wagty däldigini bilip, ilkinji gezek rewolwerimi duşmana tarap boşatdym-da atymyň başyny yza öwürdim. Şol mahalam çep tarapymda pyýada goşunyň bir rotasy peýda boldy. Ofiserleriň birine gaçyp barýan rotany tanaplap diýen ýaly yzyna öwürmek başardypdyr. Men begenjimden uçaýjak bolup, wagt ýitirmän olaryň arkasyna geçdim. Olar: «Ot aç!» diýilip buýruk berlenden soň ýaraglaryny taýynlap, hatara durdular. Tüpeňler yzly-yzyna boşady. Ýomutlar şeýle bir ýakyna gelipdirler welin, edil esgerleriň aýagynyň aşagyna atlaryndan agyp düşýärdiler. Sag tarapymyzdan top oklaram ýagyp başlady. Ýöne şol pursat ýagyp başlan ýagyş töweregi aýdyňlaşdyrdy. Serpilip ugran garaňkylykdan türkmenleriň ýüwrük bedewlerini çapdyryp, gözden ýitip barýanlygy saýgardýardy. Men töweregime göz aýlan mahalym, birnäçe ofiserler kazagyň general Golowaçýowyň töwereginde hereşlenişip duranlaryny gördüm. Galan kazaklar bolsa,her ýerde-her ýerde toplanyşyp durdylar. Pyýada goşun üç ýüz metr töwerege ýaýrapdyr. Topçular bolsa, gaçyp barýan duşmanyň yzyndan atjaklaryny ýa-da atmajaklaryny bilmän ýaýdanyşyp durdylar. Söweş tamam bolupdy.

## SÖWEŞDEN SOŇ

Meniň golaýymda iki-üç sany ýaragly, rus esgeri ýatyr. Azajyk aňyrrakda döşünden parran geçen okdan wepat bolan Ýesipow Gýorgiý lentasyny boýap, topragy gujaklapdyr. Men onuň bilen

söweşiň öň ýanynda, ýagny ýarym sagat mundan öň salamlaşypdy. Onuň solan meýdi inimi düýrükdirdi. Men general Golowaçýowyň niresinden ýaralananyny bilmek maksady bilen onuň baýdagy pasyrdap duran ýere ugradym. Ol gara gana boýanan ak eşiklidi. Onuň gylyçdan ýara düşen eli hasa bilen saralandy. Ýöne oňa garamazdan ol eýeriň üstünde ynamly otyrdy. Biz meýdana aýlanyp ölüleri we ýaralylary sanadyk. Türkmenleriň jesedi sergi bolup ýatyrdy. Olaryň biri uzyn taýagyň ujuna berkidilen egri oragy henizem berk gysymlap, goýberenokdy. Ol aýak ýalaň, başy açyk, ýüpekden tikilen agymtyk köýnek-balaklydy. Adaty bolmadyk ýagdaý bilen rus atyjylarynyň garşysyna iteklän ruhy, gahar-gazaba ýugrulan ýigrenji onuň rehimsizden gödek keşbinde doňup galypdyr. Beýleräkde üç-dört sany türkmeniň jesedi biri-birine ýaplanyp ýatyr, dört-bäş sany türkmen bolsa, öz ajaýyp atlary bilen ýer bagyrtlapdyrlar. Atlaryň biri ok degen eýesine kömek etjek bolup synanyşan mahaly öldürilene meňzeýärdi. Çägelikdäki oýtum-oýtum bolup ösüp oturan pessejik haşal otlaryň içinde ýarpy göwresi görünýän adamlaryň sany-sajagy ýokdy. Ýöne türkmenleriň içinde, ýaralysy, iňläp ýa-da kömek sorap gygyryp ýatany ýokdy. Men muňa haýran galdym. Türkmenler mydama-da öz ýaralylaryny taşlamazlyga çalyşýardylar. Ýöne ýap-ýaňy bolan söweşde ýaralanan ýoldaşlarynyň baryny alyp gitmäge türkmenleriň mümkinçiligi bolmandy. Tiz wagtdan maňa bar zat aýan boldy. Men bir esgeriň assyrynlyk bilen öli ýatan türkmenlere ýakynlaşýanyny gördüm.onuň özüni alyp barşy örän geňdi. Ol öz işine şeýle bir gümrady welin, meniň golaýyna baranymam aňşyranokdy. Men onuň gözleriniň wagşylyk bilen ýylpyldaýanyny gördüm. Ol bir görseň-ä aklyndan azaşana, bir görseňem gaty gorkana meňzeýärdi. Men onuň niýetini aňyp ýetişmänkäm ol naýzasyny ýatan türkmeniň böwründen sokdy. Men eýmenç gygyranymy-da duýman galdym. Ol ýokarsyna garap, meni gördi-de zat diýmän daşlaşmak bilen boldy. Ýaňky türkmen diri ekeni-de ölen kişi bolup ýatypdyr. Ol böwründen we agzyndan zogdurylyp gan çykanda-da iňlemedi. Men onuň sandyraýan barmaklarynyň görmedik bolsam, men oňa häzirem ölüdir öýderdim. Görgüliniň indi mätäç däldigine düşünip, men atymy yza doladym. Men

töwerekde beýle iş edip ýören başga esgere duşmadym. Ýaňky esgerem gorkudan zähresi ýarylan haramzadanyň biri bolmaly. Soň görüp otursak, ýaralylaryň bary ölen kişi bolup ýatyr ekeni. Biz wepat bolan türkmenleriň sanyny üç ýüze ýetirdik. Soňra mälim bolşuna görä, wepat bolanlaryň jemi sany bäş ýüze golaýlan eken. Ýomutlaryň diňe gylyçdyr orak bilen ýaraglanandyklary sebäpli, ölen we ýaragly bolan ruslaryň sany kyrkdan geçenokdy.
Bu ýerde başga edere iş bolmansoň, yzymyza dolandyk. Az salymdanam baglygyň içinden geçýän Ýylanly ýoly bilen atymyzy çapdyryp barýardy. Ýylanlynyň diş-diş bolup duran gazaply galasy görnende biz heniz ýarym sagadam ýöremändik. Ýol şäheriň daşyna aýlanýardy. Galanyň ilaty derwezäniň agzynda elleri ýaňyjabişen çörekli, ýanlary gawunly, üzümdir erikli bizi garşylamak üçin üýşüp durdy.

YZ ÇALYŞ

Ýylanlyda özbekler ýaşaýar. Olar bilen bolsa biziň hiç hili duşmançylygymyz ýok. Şöne şeýle-de bolsa özbekler gaharly ýüzümize, Golowaçýowyň gana boýalan eşigine, boýnundan asylan ýaraly eline gorky bilen seredýärdiler. Biz şähere girmän, onuň diwarlaryny syryp, demirgazyk günbatara tarap ýörişimizi dowam etdirdik. Ýarym sagat geçip-geçmänkä-de çölüň gyrasyndan girdik. Biz çöllügiň etegindäki kä çägelige, kä düz ýere düşýän egrem-bugram ýol bilen gidip barşymyza, çak edişimize görä Ýylanlydan bäş-alty mil uzaklykda goş ýazdyran türkmenleriň üstüni gapyllykda basmagyň maslahatyny edýärdik. Söweş tamam bolan badyna gözden uçan türkmenleri üç-dört sagatla gözlesegem tapyp bilmedik. Sagat dokuz töwerekeri çep gapdalmyzda, göz ýeter-ýetmezde alňasap, arany açyp barýan ýomutlara gözümiz düşdi. Ýarym sagat geçip-geçmänkä-de öňümizdäki düzlügiň ýüzi türkmenden ýaňa mygyldy boldy. Eger soňky bolýan wakalary söweş atlandyrmak mümkin bolsa, kiçeňräk söweş boldy. Türkmenleriň köp sanlysydaş-töweregimizi gurşap alansoňlar biz çar tarapymyzdanam esewan bolup hüjüme taýynlanmaly bolduk. Biziň peyýada goşunymyzyň esgerleridir

mergenlerimiz penalanmaga amatly bolan kenaryna özlerini oklady. Ýomutlar irdenki ýeňlişlerine garamazdan biziň goşun hatarlarymyzyň arasyna batyrgaýlyk bilen at çapdyryp gelýärdiler. Biz olaryň düşlän ýerine ýakynlap ugranymyzdan, her-edip, hesip edip uruşmaga ýaramsyz adamlaryna gaçyp ýetişmäge mümkinçilik bermek üçin ýomutlar ýolumyzy kesjek bolýardylar. Bu olara başardýardam. Çep gapdalyny mergenler, sag gapdalyny atlylarpenalaýan pyýada goşun öňe hereket etse-de, böwsülen hatarlaryny doldurmak ýa-da ýörişiň ugruny üýtgetmek üçin her ädimde diýen ýaly saklanmaga mejbur bolýarlar. Ýomutlar irki söweşden soň pyýada goşundan çekinselerem kazaklaryň olardan döwleriniň pesligini aňypdyrlar. Olaryň kazaklaryň üstüne eden batyrgaý hüjümlerini diňe pyýada goşun ara düşensoň saklamak başartdy. Ýomutlar iki-üç sagatlap biziň daş-töweregimize ýaýrap, gykylyklaşyp, öz pelteli tüpeňlerinden (meşketlerinden) ok atyp, hüjüm edip durdular. Olaryň biziň üstümize aýgytly çozuş etmek niýetleri ýokdy. Olaryň esasy maksady biziň hereketlerimizi togtatmakdy.
Bir gezek ýoldan üç ýüz ýard daşlykda, ýykylan jaýyň gapdalynda ýomutlaryň bäş-alty sany atlysyna gözümiz düşdi. Biz olara tarap tüpeňlerimizden her näçe ok atsagam ýomutlar bitleriniň burnunam ganatman atlaryny çapdyryp gitdiler.
General Golowaçýow biziň biz ýarym mil çepimizde olaryň birnäçe toparyny görüp, Orenburg otrýadyna duýdurmak üçin on-on iki sapar top atmagy buýrdy. Çak edilişine görä, bu otrýad duşmanyň sekiz, on mil aňry tarapyndan olaryň gabawa salmak üçin ýakynlaşyp gelýän bolmaly. Soň görüp otursak, biziň duýduryş üçin atan topoklarymyz ýomutlara gaty uly zyýan ýetiripdir. Ol oklar kiçeňräk oýtumda goş ýazdyran ýomutlaryň göni üstünden düşüpdir: ähli zatlaryny taşlap, gaçyp gitmäge olary mejbur edipdir. Biz bolsa olaryň goş ýazdyran ýerini gözläp gördük! Biz bu zatlary ertesi gün Orenburg ortýadynyň adamlaryndan eşitdik. Olaryň şol oýa ýeten mahallarytaşlanyp gidilen birnäçe ýüz arabanyň, ýomutlaryň jesetleriniň, köp sanly goş-golamlaryň üstünden barypdyr. Görgülililer atylan oklardan ýaňa ölülerini-de ýygnamaga ýetişmän, bar zatlaryny owarram edip, gaçyp gidipdirler. Tapylan goşlaryň arasynda

1840-njy ýyldaky Perowskiniň bet-begtlyga uçran ekspedissiýasy bilen Anglýanyň adyndan Hywa giden leýtenant Şekspiriň alyşan köp sanly hatlary tapyldy. Leýtenant Şekspir ruslar bilen hywalylaryň arasyndaky dawaly jenjelleri parahatçylykly çözmäge ýardam bermek üçin Hywa gidipdi.
Tapylan hatlaryň arasynda iňlis ilçisi lord Palmerstonyň rus häkimiýetini habardar etmek üçin alan görkezmesiniň göçürmesi hem bar eken. Ol hatda eger Russiýa Hywany özüne birikdirse, Angliýanyň Russiýa garşy urşa başlajakdygy hakynda aýdylýardy. Ol hatlaryň tapylan ýeriniň üstünden baran biziň toparymyz däldi. Irdenki bolan wakalardan elheder alan ýola beletler gaçyp gidipdirler. Biz bolsa türkmenleriň düşelgeleriniň nirede ýerleşendigini takyk bilemzokdyk. Şonuň üçinem biz olaryň iki mil çepinden gidipdiris.
Günortan aralar biz suwy çöllüge siňip gidýän Annamyrat kanalynyň boýuna ýetdik. Ol ýerde Hywa hanynyň ýomutlaryň üstüne ýöriş eden mahallary gurduran galasynyň üstünden bardyk. Ol galanyň maýdany on akra golaýdy. Käbir ýerlerde beýikligi on ädime ýetýän gala hiç zat kär etmändir diýen ýalydy… Biz galanyň içinde goş ýazdyrdyk. Galanyň abatlygy üçin general Golowaçýow ol ýerini amatly hasaplap, günüň galan bölegini şol ýerde geçirmegi ýüregine düwdi.
Bu pursatdan peýdalanyp, ýomutlar gaçmaklaryny dowam etdiripdirler. Biz olaryň gapdalyndan geçip giden mahalymyz ýomutlar yzlaryny towşanlaryňky ýaly bulaşdyryp, biziň geçen ýolumyz bilen yza –günorta gündogara tarap tutdurypdyrlar. Gije-gündiz ýol ýöränsoňlar ýomutlara bizden ep-esli ara açmak başardypdyr.
Ertesi daň atandan biz olaryň söwügine düşdük. Biz az salymdan damagy çalnap, çuw-ýalaňaç halda ýatan rus esgerleriniň üstünden bardyk. Ol esgerler garawul goýlupdy. Ähtimal, gije ýomutlar olaryň üstüni gapyl basandyrlar. Biz ýolda diňe ertirlik üçin azajyk wagt düşläp, uzakly gün gaçyp barýanlaryň yzyndan kowduk. Goş-golamymyz az bolany üçin biz çalt hereket edýärdik, Biz ýene-de Ýylanlynyň çep tarapyndan geçip, kiçijik oazisden soň açyk düzlüge düşdük. Düzlük gazylan kanallardan doludy. Olaryň şu asyryň başynda ekerançylyk meýdanlaryny

suwarmak üçin ulanylan bolmagy ahmaldy.
Gözýetimde tozan turzup, gaçyp barýanlaryň garasyny gören mahalymyz gün ýanyny ýere beripdi. Şonuň üçinem kowgyny goýbalsun etdik.
Bol suwly kanalyň kenarynda goş ýazdyranymyzdan soň kazaklar atlaryna iým gözläp, düzlügiň içine pytrap gitdiler. Olar berkitmeden bir mile golaý uzaklykda ýomutlaryň ýaňyja orup goýan ot harmanynyň üstünden barypdyrlar. Kazaklaryň düzlükde dagynyk ýagdaýda gezip ýörmekleri aýylganç waka bilen gutardy. Ýerli milletden bolan ýolbelet hemmelerden aryny açan kazaklaryň birini ýomutmyka diýip atypdyr. Ol agyr ýaralanansoň herurgyň elinden gelenini edendigine garamazdan iki sagat geçip-geçmänkä jan berdi.

## KOWGY

Biz ertesi ir bilen ýörişi dowam etdik. Tiz wagtdanam gaçyp barýanlaryň galdyryp giden zatlary duşup başlady. Ýoluň ugrunda howlukmaç taşlanyp gidilen üsti ýükli arabalar durdy. Eýeleriniň yzyna eýgertmedik sygyrdyr göleler molaşýardy. Çatmanyň içinde öldüriljek porsadyna gorky bilen garaşyp oturan, diňe süňk bilen ham bolup galan kempir, hasasyna söýenip durşuna bürgüdiňki ýaly gözleri bilen bizi synlaýan sandan galan garry görünýärdi.
Golowaçýow türkmenleriň yzyndan ýetmäge, başartsa, olary söweşmäge mejbur etmäge buýruk berdi.
Alty goşun yzynda tozan bulutlary galdyryp, gözden ýitdi. Pyýada goşun bolsa, ýuwaşlyk bilen öňe süýşüp ugrady. Ýarym sagat töweregi ýöränimizden soň öňümizi suwly ýap kesdi. Bu ýerde biz iniňi jümşüldedýän sahnany synlamaga mejbur bolduk. Ýomutlaryň öý-goşlary ýüklenen ýüzlerçe araba daş-töwerekde pytrap ýatyrdy. Gaçyp barýanlar ýabyň darajyk köprüsinden goşlaryny geçirip bilmän bar zatlaryny taşlap gidipdirler. Olaryň käbiri ýa-ha atlarynyň ýoklugy sebäpli, ýa-da ruslar özlerine rehim eder öýdüp, bu ýerde saklanypdyrlar. Ýöne kazaklar olary ele salyp, çapym-çapym edipdirler. Öz ärleriniň, söýgülileriniň, doganlarynyň jesetlerini penalap,

edil lal ýaly bolup, gorkudan ýaňa titreşip, ýalbaryjy gözlerini bylkyldadyşyp, ýöne seslerini çykarman arabalaryň aşagynda ýygrylyşyp oturan aýal-gyzlary synlamak hasam gözgynydy. Olar öz başlaryna-da mähribanlarynyň gününiň düşerine garaşýardy. Men töwerekde bolup geçýän zatlara çirk ýaljagam üns bermän oturan aýaly synladym. Ol gylyjyň salan ajal ýarasyndan ölüp barýan äriniň kellesini dyzynda saklap otyrdy. Eger onuň äriniň ýüzüne damyp duran gözýaşyny görmeseň, doňňara daş bolup oturyşy äriniň ölümine parhsyz garaýar diýdirjekdi. Ol ruslardan birjigem gorkanokdy. Gam gussa gorkynyň üstüni basypdy. Ene-atalaryndan jyda düşen balajyklaryň bolşuny synlamak çydar dagy eder ýaly däldi. Olaryň birnäçesi arabalaň arasynda süýşenekläp ýörüşlerine galaşýardylar, birnäçesi bolsa arabalardaky ýükleriň arasynda oturan ýerlerinden çaga bilesigelijiliginden doly gözleri bilen bizi synlaýardy. Bu kiçijik gyzjagaz bolsa Golowaçýow baýdagyna seredip, jakyrdap gülýärdi.
Generalyň we onuň ştabynyň bu ýerde az salym saklanjagyna garamazdan, men atymy öýe sürüp gitdim. Çar-tarapda mas ýüklenen arabalar, gylyçdan geçirilen ýomutlaryň jesetleri dagap ýatyrdy. Kysmatyna kaýyldygy görnüp duran goltugy çagaly segsen ýaşlaryndaky kempir ýoluň ortarasynda ýygrylyp otyrdy.onuň gözlerini ýumup oturşyna depesinden injek gylyjy görmäge gurbaty çatmaýanyňka meňzeýär. Ol agtygyny elinden sypdyrjaga çalym etmeýärdi. Azajyk aňyrrakda ýyrtyk-ýyrtyk giň köýnekli owadan ýaş gelin arabanyň aşagynda ýüzüni gara-gan edip otyrdy. Men erbet zady göwnüme getirmän oňa pul uzatdym. Ol pulumy yzyna zabyrdadyp zyňdy-da sojamaga başlady…
Azajyk aňyrrakda, ýoluň ýakasynda ýüzüni gylyç çapan garry aýal ýatyrdy. Onuň başynda topbusy bolmansoň erkek adamdyr öýdülen bolmagy ahmal. Erkek göbeklä garşylyk görkezýänine ýa-da görkezmeýänine garamazdan, rehim etmezlik barada ýörite buýruk bardy. Bu meniň gören ýaralylarymyň arasyndaky ýeke-täk aýaldy. Men iki mile golaý şonuň ýaly elhençlikleri synlamaly boldum.ýöne öňde on bäş-ýigrimi sany ýomuda gözüm düşüp, aňry gitmäni goýbolsun etdim. Men bu ýerde goşunyň gelerine garaşyp durkam şol töwerekde aýlanyp ýören atly türkmen pyýada boldy-

da maňa tarap gaýtdy. Elinde taýakdan başga zat bolmasa-da onuň bolup gelşi örän hyýrsyzdy. Men rewolwerime ýapyşdym. Emma ol menden birjigem çekinmän, iki rewolwerlidigime, tüpeňlidigime garamazdan, üstüme hüjüm etmäge hyýallanýan ýaly öz gorkunç gara gözleri bilen gazaply seredip, on ädim öň ýanymdan geçip gitdi. Men ilkibada ruslaryň edişi ýaly oňa taýagyny taşlatdyryp, özüme boýun etmek isledim. Ýöne onuň gaýdusyzlygy, hiç ztdan çekinmezligi meni aňk etdi. onsoňam, ýaragsyz adamyň üstüne sürünmek namartlyk boljakdy. Ol maňa barmysyňam diýmän gözden ýitip gitdi.
Onýança goşunam ýetdi. Biz şeýdip ýene dört-bäş mil öňe ýöredik. Biziň öňümizden köp sanly goýun sürüleri, sygyrlar, düýeler çykýardy. Ýöne ýörişiň dowamynda ýekeje atyňam ele salynmazlygy geň galmazça däldi. Bu türkmenleriň atlaryny janlaryndanam eý görýändigini aňladýardy. Ýesir alnan ýa-da öldürilen türkmenleriň atlary bolmansoň şeýle güne düşen bolmaklary mümkin. Men kazaklaryň üýşüp dyran arabalary talaýanyny görüp, olaryň edýän işini synlamak üçin şol tarapa ugradym. Tiz wagtdanam iki sany ýomudyň jesediniň üstünden bardym. Üç ýaşlaryndaky gyzjagaz jesetleriň arasynda duran ýerinden çaga mahsus ýygralyk bilen talaňçylara seredup, sojap durdy.onuň bu ýerde galsa, suwsuzlykdan öljegi ikiuçsuz bolansoň, men ony öňümden çykan ilkinji aýala gowşurmak maksady bilen atymyň öňüne aldym. Az salymdan ýene bir gyzjagaza gözüm düşdi. Men öňümdäki gyzjagazy ýoldaşym Çertkowa tabşyrdym-da ýaňky gyzjagaza tarap ugradym. Ol görgüli bilmezlikde aýagyny gylyja gyýdyrypdyr. Ýarasyna çäge bary siňensoň onuň aýagy gaty agyrýan borly. Ýöne gyzjagazyň gözünde nem ýokdy. Ol kakasynyňky ýaly gara, hyýrsyz, bilesigeliji gözleri bilen kazaklaryň arabalary talaýyşlaryny synlaýardy. Men ony ata mündürmekçi bolamda ol gaçdy. Onsoň men atdan düşüp, ony kowalap tutmaly boldum. Men tä tatarça bilýän sözlerimiň baryny aýdyp, ony köşeşdirýänçäm ol dyrnaçaklap, debşenekläp, meniň bilen gitmekden boýun gaçyrdy. Menden zyýan görmejegine gözi ýetensoň welin, boýnumdan gujaklady-da, süýji uka gitdi. Görgülijigiň üst-başy edil şu wagt hapa suwly kölçä girip çykanyňka meňzeýärdi. Ol uruş

başlaly bäri hepdeläp suw garasyny görmedige meňzeýärdi. Men ony gyjaklap, gülkünç ýagdaýda esgerleriň hatarlarynyň arasyna aýlanyp ýördün. Köp wagt geçmänkä edil gymmat bahaly daş tapan ýaly kiçijik bir gyzy goltuklap ýören ştap ofisserine duşdum. Ýomutlar gyzjagazlara oglanlara garanda biparh seredýän borly. Sebäbi biz taşlanyp gidilen ýeke oglanjyga-da duşmadyk. Biz sagat biz sagat on birlerde atlara dynç bermek, ertirlik edinmek üçin goş ýazdyrdyk. Türkmenler çar-tarapa pytrap gidipdirler. Diňe birnäçe mil öňde atly türkmenleriň birnäçesi üýşüp durdy. Olaryň üstüne çozuş edeniň peýdasy boljak däldi. General Golowaçýow ýomutlaryň ýaşaýyş üçin aramly zatlarynyň köp mukdaryny basyp alansoň, ýörişi tamamlap, yza – Ýylanla dolanmagy makul bildi…
Ýolda duşan bäş-alty sany aýala howandarlyk eden gyzjagazymy ýanlaryna almagy haýyş edip ýüzlenemde olar öz çagalarynam nätjeklerini bilmeýändiklerini aýdyp, garşylyk görkezdiler. Olaryň hersiniň ýanynda dört-bäş çaga bardy. Men olaryň ýagdaýyna düşünip, gyzjagazy özüm bilen berkitmä alyp geldim. Elbetde, ony çem gelen ýerde taşlap gitsemem edenime däl diýjek ýokdy. Ýöne şeýtjek bolsam, ony çöllügiň içinde şagallara şam boljak bolup duran pursaty alyp gaýtmazdym. Men gyzjagazy kime berjegimi pikirlenip, onuň üçin ýomutlaryň goşlarynyň arasynda dagap ýatan pagtadan arabanyň aşagynda düşek ýasadym. Wraçyň kömegi bilen onuň ýaraly aýagyny ýuwup, daňyşdyrdym.
Ýarasyny daňan mahalymyz gyzjagazyň çydamlylygyna haýran galdyk. Çäge siňen, azyp iriňlän ýarasyny arassalap, daňan mahalymyz agyry ýüregine ornap gidýän bolsa-da ol aglamady. Ony gowuja synlamak maksady bilen ýüzüni gazaşdyryp, ýuwamda onuň eýjejik bir gyzjagazdygyny gördüm. Men oňa suw hödürlämde suwa açgözlük bilen topuldy. Bu onuň günüň dowamynda ýeke-täk iýip-içen zady bolsa gerek. olja alnan sygyrlardan saglyp alnan süýdüň satylýanyny görüp, gyzjagaz doýar ýaly süýt satyn aldym. Süýtden ganan çagajyk süýji uka gitdi. Men bu edermen gyzjagaza şeýle bir öwrenişdim welin, onuň ejesini tapan mahalymam ony öz ýanymdan goýberesim gelmedi. Ejesi çagajygy bagryna basyp oturan ýerinden maňa minnetdarlyk bildirmek,

üçin ýekeje gezegem öwrülip seretmedi. Eger meniň birden gerek bolaýmasyn diýip, talap alan çaga eşiklerimi oňa geýdirenimi, ýene-de on-on iki ýyldan ol gyzjagaz durmuşa çykanda haladyna goşant bolup biljek gyzyldan edilen şaý-sepi berenimi göz öňüne tutsaň, gyzjagazyň maňa beren «taňyýalkasyny»göwne jaý däldi. Hernäme-de bolsa, gyzjagaza hossar çykan kapyra onuň öz ýüreginiň töründen minnetdarlyk bildirenine ynanasym gelýär.
Ýörişiň dowamynda ýesir alnan elli-altmyş sany aýala islän ýerlerine gitmäge rugsat berdiler. Esgerlere bolsa, derde ýarajak zatlary alyp, galanlaryny otlamaga buýruk berildi. Buýrugy kazaklar höwes bilen ýerine ýetirdiler. Olar esasanam halylary, ýüpek daňylaryny, geýim-gejimleri, kümüşden ýasalan şaý-sepleri talaýardylar. Ýoluň üstünde esgerleriň gerekmejek hasaplap zyňan zatlary – egrilmedik ýüpekler, köne halylar, çägä garylan bugdaý, mesge, öý goşlary çaşyp ýatyrdy. Olardan ýaňa aýak basara ýer ýokdy. Sada türkmenleriň uzak ýyllaryň dowamynda peýdalanyp, hemralaryna öwrülip giden, köp sanly ýakymly ýatlamalara ýugrulan, ata-babalaryndan ýadygärlik galan zatlarynyň guma bulaşyp ýatanyny görende ýüregiň gyýlyp gidýärdi. Aýallaryň ýykan-ýumran bolan zatlaryň içinden küle öwrülen öýlerine ýaramlylaryny saýlap, gözden ýaş döküp oturyşlaryny göz öňüne getirseň, hasam erbet bolýarsyň.ýöne mundan erbedine-de duşýarsyň. Ine, üç sany ýomudyň jesedi ýatyr. Dört ýaşdan sekiz ýaşa çenli bolan çagalar olaryň daşyna egrilişip otyrlar. Olaryň ekabyry-kiçijik gaýduwsyz oglanjyk başardygyndan beýlekileriň aladasyny edýär. Ol öýlerinden galanja pagta, ýüpek böleklerinden, elem-tas keçelerden, halylardan arabanyň aşagynda ýatar ýaly ýer edinmek bilengümra. Men onuň ýanyna atymy sürüp baran mahalym onuň çaga ýüreginiň ýigrençden dolandygyna birjikde şübhelenmedim. Ýene ýigrimi ýyldan çagajygyň özlerini nähili ýigrenendigine «kapyrlaryň» gözi ýetmegi gaty ahmal. Men olara tapan gaýmaklarymy getirip berip, esgerleriň esgerleriň çagajyklaryň gaçybatalga tapan arabasyny otlamazlygy barada aladalanyp, olaryň öz mähribanlary bilen gyrak-bujaksyz çöllükde galdyryp, goşunyň yzyna düşdüm.
Ýörişiň dowamynda men öldürilen çaganyň ýekejesine duşdum. Ol

kinniwanjady. Onuň teninde ganyň ýoklugyndan çen tutsaň, ol ýa-ha at toýnaklarynyň astynda galan bolmaly, ýa-da başga bir şuňa meňzeş sebäbe görä jan beren bolmaly.
Biz yza dolanyp barýarkak duş gelen bir zady ýakyn ýandyrýardy. Meniň başga agzan suwsuz kanalymyz boýuna ýetenimizde bu ýerdäki dagap ýatan arabalaryň talanandygyny gördük. Bu ýerde galan aýaldyr çagalar bolsa ýitirim bolupdyrlar. Soň görüp otursak, olaryň az sanlysy henizem şu ýerde ekeni. Meni bir zat örän haýran galdyrdy. Kazaklar käte talaňçylyklarynyň arasyny kesip, çagajyklara çörek hödürläp, suw içirip, ýene-de öz işlerini dowam etdirýärdiler.
Men Golowaçýowyň buýrugyny görüp, jykyr-jykyr gülen gyzjagaza şol öňküje oturan arabasynyň üstünde otyrka gabat geldim. Bu wagt iňrik garalyp gelýärdi. Ol görgülijik bolsa uzakly gün jokrama yssyda hiç zat iýip içmän, özüniň äkidilmegine garaşyp geçiren borly. Men pytrap ýatan zatlaryň arasyndan peýnir bölegini tapyp, oňa getirip berdim. Iň kynam oňa suw berer ýaly gap tapmak boldy. Ol ýerde bäş-alty ýüze golaý araba münderlenip durdy. Olara ot berlensoň, töwerekdäki arabalara-da ot düşüp başlady. Görsem, gyzjagazyň oturan arabasyna-da ot düşüpdir. Men ony howpsuzrak ýere geçirip, gyzjagazy kime tabşyrjagym barada oýlanyp ugradym. Dogry, golaýda üç-dört sany aýalam bardy. Ýöne olar gyzjagazy uzakly gün idemänsoňlar, indem olara bil baglap boljak däldi. Iňrik bolsa kem-kem garalýardy. Ýomutlaryň bu ýerde ertirem bäri gara bermejegi bolsa köre hasady. Töwerekde köp sanly şagallaryň uwwuldysy eşidilýärdi.

***

Gurbanmämmet atasyny zamun edip äkidenlerinde tas özüni öldürip, gözüni çykarypdy. Goşardan daňlan ýeri ganjaryp duran, simlän ýaradan ýaňa ejir çekýänini aňdyrmajak bolup jan çekse-de, mahal-mahal özünden bidin gaşy bürşüp gidýän Çary baýy Hywa köşgüne äkitdiler.
— Alada etmäň, ýeke men däl ahyry. Ýöne ganygyzgynlyk edip, zaýaçylyk edäýmäň. Näme isleseler berip sypjak boluň, bir-ä

namysa, birem jana degmeseler, galanynyň bir alajy bolar.
Öňe düşürilip barýarka onuň obadaşlaryna sargap ýetişen zady şular boldy.
Soňmy? Ol wakalar Gurbanmämmediň tä ölýänçä ýadyndan çykarmy? Gözde galyp, ýürekde dömdi ahyry ol bela-beterler.
– Ýör, oglum, göter şu zatlary, alany haram bolmuşlara töläp gaýdaly…
Gurbanmämmediň gözi tegelendi:
– Şunça zadymy? Bu bilezikleri, gülýakalary beri goýsaň bolmadymy, eje?!
Ogulboldy gözüne inen ýaşy gizlejek bolup, gyýa bakybrak gepledi:
– Ataň diýenini eşitmediňmi, näme, guzym? Eçilen Alla gerek güni başga birine nesip etdirjekdir, elbetde.
Şol wagtam Aýjan mamanyň azmlyrak sesi ýaňlandy:
– Jan gidende, tutuş obalar bir gysym küle öwrülende, ýaldyrap ýatan şaý-çaprazlar nämäň alnyndan, hä?! Aglamaly bolsa, ana, şo biajal gidip, şehit bolan şirin janlara aglamaly, jansyz demirlere «Başyň sadakasy bolsun!» diýmeli.
Gaýraky syrgynda oturýan Hajar daýza, Alla nalyş edýän ýaly, iki elini ýokaryk göterip gürlände ahy-nalaly ses Gurbanmämmediň inini jümşüldedip goýberdi:
– Wa-ah, şony aýt, şony, Aýjan! Dek düýnem görseň gözüň doýmaýan obaň gara köýüge öwrülip, «Är men!» diýip ata çykanlaň aglabasy gözden uçup gidensoň, galan zatlaň ýüzüne köz degsin diýsene.
Hojamyrat gysygyň aýaly Dürnabadam hüwjeren saçlary ýüzüne dökülip, derrew gasyn düşüp, göz owasy içe giden keşbinde düýnki bezemenligiň suraty öçensoň, nätanyş aýal ýaly görünýärdi. Bu häzir Gurbanmämmediň göwnüne-hä şeýledi.
– Wah, gyrkylygym döwüldi-dä, ýogsam-a haram duşmanyň ýene biriniň garnyny silkýädim weli…
– Dürnabat, biriniň-ä janyny gabyz etdiň-le sen, arman, men goram-gowşaklyk edip sypdyrdym-da. Wah, aslynda heleý bolup dogulmaly däl eken. Erkek bolup doglan bolsak, döşümizi açyp söweşip, mert ölübem bilerdik diýýän.
– Ýüregimi aýtdyň, Meretgül! Kapyr eli degmesin!» diýip, suw

teýine zyňlan naçarlary aýt sen. Şolaram ýarag tutup bilýän erkek göbekli bolan bolsa, bu ýagy, belki, serpikdirilerdem.
– «Öleni-hä, öleni, gözüni garga çokany» näme indi bulaň?!.
Gurbanmämmediň gulagy şaňlap ugrady. «Hä-k, şu heleý gürrüňlerini diňläp durman zut gitseň, halys bagryňy iýip barýar-a bular. Gözi ýaşly, sesi nalaly naçarlar sähel bolsa erkegem aglatjag-aý. Şü atamyň: «Ýanlary bilen git, neneň-niçik boljagyny kim bilýä» diýeni aýagymy baglap dur-da…»
Ol döwşüldi-hyssylda başyny galdyrdy. Agamädiň birden ulalanyna, hatda sesiniňem ýognanyna Gurbanmämmet haýran galdy.
– Ýör, bir gürrüň bar!
Gurbanmämmet nädip onuň yzyna düşenini duýman galdy. Diňe bäş-alty ädimden soň yzyna gaňrylyp, ejesi dagynyň ülker bolup duran ýerine çalaja gygyrdy:
– Siz baryberiň, o nemä, o ýere…
Hakykatdanam, nazarlap barýan ýerlerini nähili, nire diýip atlandyrjagyny ol aňynda aýlap bilmedi.
Obanyň ortasyndaky garry güjümiň aşagy weli erewde-berewlikdi. «Täşliniň güjümi» diýilýän, ýöne eýesiniň kimdigini, hellewleýän, eýýäm ýogyn şahalarynyň käbiri alagury bolup ugran güjümiň haçan ekilenini känbir bilýänem, biljek bolýanam ýokdy.
Güjümiň töweregi weli göz-gülbandy. Hon-ha, at aýagynyň astynda pytran goýun agyly, beýleräkde Durdyguly aganyň kiçijik kepbesi ýalna berlensoň gara köýük bolup ýere bagryny beripdir, ilerräkdäki süýji suwly guýynyň daş-töweregi depeşek edilip, daşyndaky germewi çalam-çaş bolupdyr. Garaz, düýn-öňňun şu ýerden geçen adama, «Şol oba şu!» diýseň, başyny ýaýkap, «Däldir-how!» diýjek durjagy ikuçsuzdy. Hol ala it näme, dilsiz-agyzsyz janawar diýjeksiň, şolam ýarysy ýanan, ýarysy döwlen atarabany ýassanyp, şeýlebir uwlaýardy weli, depäňi üýşendirýän uwwuldy «Bu nätdigiňiz boldy, heýem, iki aýakly, ynsan bir-birine şeýle sütem edermi? Bu zalymlyga, ynha, dört aýakly mahluk bolup biz aglap otyrys-a» diýýän ýaly bolup eşidilýärdi.Ýeňsedäki ýaňy suwy süýjän gawun atyzynyň biýaralary toýnak astynda dagap gidensoň, çalymtyl-gara

öwüsýärdi. Bir gyrasyndan ýaňy malaboýy orlup, galan ýerine ot berlen bugdaýlygyň gyrasyndaky harsaň gury kesege gonan alahekek beýni iýgiç jakyrdaýardy.

Güjümiň aşagynda popuş ýüzi çym-gyzyl, geýminiň iki egni goşa çyzmykly adam öz dilinde han nökerlerine heňkirýärdi. Onuň aýdanyny uzynak terjimeçiniň çalgyrt dilde gaýtalap ýetişmeýäni bildirýärdi. Gelmişek hojaýynyň gapdalda üýşüp duran altyn-kümüşleri, bilezikdir çaňňal-çaprazlary, olaryň ýanynda münderlenip basylan halydyr çuwallary… azyrganyp azgyrylýanyny Gurbanmämmet dagy aňdy.

Ýaranjaňlykdanmy, gorkudanmy, ýa hekemsiremegiň lezzetindenmi, garaz, han nökerleri «ur» diýilse, kelle aljakdan bolup alakjyraýardylar.

– Hony görýäňmi?

Gurbanmämmet ýöräp baryşlaryna Agamädiň barmak çommaldan tarapyna seretdi.Ýerbiti ýaljak nöker: «Haýdaň, tiz boluň!» diýip ikiýana düňk ýasaýardy.

– Ýaňy şu haramzada Annaberdi padymanyň aýaly Towşan daýzany: «Bar, öýüňdäki soňky keçäňem getir» diýip südenekledip goýberdi weli, tas agzy ýer garbapdy, ozalam zordan aýak üstünde duran bendäň.

– Gyra çekip bolsa, iki bolup ýumrugyň astyna alaýsak näder?

– Onyň bolmaz, Gurbanmämmet. Näm etsek görünmän, bildirmän etmeli. Ýamanlaýsa biziň kestimizi bütin oba çekmeli bolar.

Gurbanmämmet uludan dem aldy:

– Hawa-da, arkasy güýçli-dä bulaň bumat. Ýogsam-a bujagazyň özümem eýmejini ýetirerdim weli…

Şol wagt ýaňky nöker: «Häýt, bir sowujak zat ýokmy, how?» diýip, töweregine seretdi. Gurbanmämmet howlukdy:

– Bar, sen ho gawunçylykdan birini tap-da, «Me, bäri gel» diýip ho kölegä elt.

Galany gaty çalt boldy. Jomursak tuduň kölegesine çöküp, jübüsindäki çakgysy bilen gawuny iki bölen nöker bir kerçemi-de agzyna salyp ýetişmedi. Ýarysy ýanan kepbä dulanan Gurbanmämmet bir ýerden tapan göjegini daş ýaly kesekden dolduryp, çala göz ýumup çeneýşine sypdyryp goýberdi. Çep gulagynyň üsti ala tozan bolan nöker jynssyz ses edip sagyna

agyp gitdi.
Goh-galmagalyň içinde onuň sesine, sögünjine üns berenem bolmady. Içine aş düşene dönen Gurbanmämmet nökeriň çep gulagyny ömürlik ker edenini bilýän ýaly heşelle kakdy.
Ýöne mahal begenerden irdi. Göwsünden bal akdyran topragyň üstünden al ganlar sil bolup akjaga meňzeýärdi.
Bu ahwal Mak Gahanyň galamy aldygyna ýöreýärdi. Ol gören-eşidenini gyzgyny bilen kagyza geçirjek bolup, haýdap ýazýardy.
– Biziňkileriň köpüsi Ysmamyt ata girip gizlenipdir diýlen myş bar, dogrumyka?
Agamädiň gamgyn sowalyna Gurbanmämmet näme jogap berjegini bilmedi. Diňe:
– Aý, ol gurbany gitdigim öwlüýä kapyr aýak basyp bilesi ýog-a ýogsamam! – diýmek bilen çäklenäýdi. Şol wagtam ömürylla ýatdan çykmajak ahwalat boldy.
Oglanlaryň gabat garşysynda birden eleşan geýimli bir aýal peýda boldy. Ol edil görden çykyp gelýäne meňzeýärdi. Nähili reňkdedigi bildirmeýän başatgyjyny ýamalary besse-besse alaça köýneginiň üstünden biline çalyp daňypdyr weli, hüžžeren saçlar ýüzüni ýapyp, ony birhili gorkunç görkezýärdi. Oglanlar aňk boldular. Heýem, aýal adam başaçyk, onda-da şu ýagdaýda çykarmy? Bagjygy ýazdyrylansoň, öňem hopul-hopul köýnegiň iki ezenegi aşak gaçyp, zenanyň ýakasy-boýny alaň-açykdy. Şol bolşuna-da tirsegine çenli çermelen ellerindäki uzyn serdesse hadany kä saga, kä çepe geçirip bulaýlap gelýärdi:
– Hä-ä, saňa jan deregine merk bererin men, me, al paýyňy, ýezit!
Oglanlary görüp ol kürtdürdi. Oňa deňiç Agamät içini çekişine Gurbanmämmedi hürsekledi:
– Eý-ý, Annagurbanyň ejesi Gyzylgül daýzamy-aý bu?! Däliräýdimikän-äý?
Söze salym bolmady. Gyzylgül daýza elindäki syrygy bulaýlady:
– Wah, wah-eý, sadaka barýan bolsaňyz-a gijä galdyňyz balalarym, ol eýýäm sowuld-a.
Aňk-taňk bolan oglanlary hasam haýrana goýup, ol ýene geň gep tapdy:

– Annagurban janam öldürdiler, oň dädesi Halyk pahyram dynçladylar, ikisem gözümiň öňünde Hudaý jaýyna gitdi, menem öldüren kapyrlara: «Aý, berekella, şehit etdiňiz, ikisem jennete barar, ýaňy menem siziň haram goluňyz degmesin diýip Annagurban janyň on altysyny dolduran uýasy Jahan jany Doňuzbatanyň kölüne öz eljagazym bilen itdim» diýdim, indi sopbaş galan heleýi alyň öz ýanyňyza bilýän gargyşymy aýdyp berer gezibýrin» diýdim, ýöne ondan öň Annagurban jan bilen dädesiniň kesilen kellelerini topraga dulap, adyna-da «Kelleli öwlüýä» dakalyň diýdim, ullakan edibem sadaka bereliň» diýdim, edäýdiler hernä. Siz bolsa oňa gidip ýörmäň, gijä galdyňyz, oglanlar. Ýöne, azajyk garaşsaňyz, Annagurban janam-a gelerdi ýanyňyza, o çagam garaňkydan gorkýandyr. Kelleli öwlüýäde durmaz, geler…

Agzy-agzyna ýetmän samyrdaýan Gyzylgül daýzanyň soňky jümlesine Gurbanmämmet tas aglapdy, Agamät bolsa gözünden boýur-boýur gidýän ýaşam duýman doňup galypdy.

Gyzylgül daýza bolsa, agzy ýetdiginden gürleýşine haýdap barýardy, onuň elindäki syryk galgap-galgap gidýärdi.

…Şundan dört-bäş gün soň ýene bir waka bolup geçer. Ähli hezilligi-şatlygy gamyň aşagynda galan obanyň çar ýana dagap giden, top-tüpeň sesinden, goh-galmagaldan tazygan mallaryny gözläp, çöpläp, sürüp ýören ýetginjekleriň alnynda Gyzylgül däli ýene keserer. Hawa, il içinde eýýäm «daýza» sözi «däli» bilen çalşyrylan biçäre, edil çaga ýaly, mölterilip durar-da, syrygyny dürtüp-galdyryp durşuna güňleç seslener:

– Balalarym, bulaň içinde Annagurban janyň malam bar bolsa, gazygynda daňyp gaýdyberiň, men Müjewür oba toýa barýan…

Şol wagtam oglanlaryň biri «Abdy» diýip gygyrdy. Ol sese birbada iki ýetginjek «ýalt» etdi. Şol wagtam Gyzylgül däli oslagsyz gep atdy oturyberdi:

– Ho bärkä indi Abdy ýetim diýiň, bu dünýäde onuň özünden başga hossary galmady, biliň şony, ganymlar öldürdiler. A-ýu Abdy ýetim, adyň gutly bolsun!

Soňam ol hiç zat bolmadyk ýaly ýene syrygyny bulaýlap, öz ugruna ýöräp gitdi.Ýere bakyp dodak dişläp duran oglanlar weli Abdy ýetimiň ýürek paralaýjy agysyna çydaman, nätjeklerini

bilenokdylar. Gurbanmämmet baryp Abdynyň egninden gujaklasa-da, ony diňdirjek bolanokdy. Ähli hasraty, ejizligi erkeklik buýsanjyny basan ýetginjek häzir toprak gujaklap möňňürýärdi. Ol diňe uruş zerarly sopbaş galmagyň, ata-enäni ýitirmegiň däl, eýsem özüniň ahyrky demine deňiç adyna ýarlyk boljak aýylganç lakamyňam agysydy.
– «Däliniň müň gepi telek, bir gepi gerek» diýilýäni şumuka?!
Gurbanmämmediň bu pyşyrdysyny özünden özge eşiden bolmady.
…Bu wagt Hywa köşgüne zamun edilip eltilen Çary bäýyň haly teňleşipdi. Gülläniň giren ýeri simläp, goşar güp ýaly çişipdi. «Sähel ýara üçin burlup otyr» diýdirmejek bolsa-da, onuň reňkiniň barha agaryp, ýüzünden burçak-burçak der akyp ugranyny aňan töwerekdäkiler ýuwaş ses bilenem bolsa gowur turuzdylar:
– Nädýäler-aý, daşýürekler, şeýle haldaky adamam alyp gaýdybermek bormy?
– Musulman tüýi bolmansoň şeýdýä-de şular.
– Bir alajyny etmesek, ýüregi zarbykdyrar bu ýara.
Bir çetde sesini çykarman oturan Atda baý kisesinden päki çykardy. Gürzelek sakgally, «pil ýaly» diýdirýän bu adamyň Mary tekelerindendigini, indi dört-bäş ýyl bäri Hywanyň etegindäki Ýaňyarykda «ak öýli» edilip saklanýandygyny, onuňam, tutuş syrgyn bolup oturan beýleki «ak öýlüleriňem» Mary ýa Ahal etekleri sähel «bulansa» depelerinde gara gylyç oýnajagyny Çary baýam, beýlekilerem bilýärdi. Tapbilen, türkmeniň ganybir garyndaşlygyna gaty uly sarpa goýýan Atda baý bilen Çary baýyň ozalam ham-çam gatnaşyklary bardy. Ýöne onuň bärik – zamunlyga nädip düşeni weli Çary baýy iňkise goýsa-da, sebäbini bilenokdy. Gürlänini däl-de, iç hümledenini elhal saýýan adamlaryň soranjaňlyk ediberýänem, gepbaşy agtarýanam ýokdy.
Han köşgüniň «Çarbag» diýlip atlandyrylýan düşleghanasyna getirilen türkmen aksakgal-töreleriniň gabawly saklanýanyna ýarym günden agyp barýanam bolsa, habar tutýanam, «Sen gel!» diýip ideýänem ýokdy. Kimdir birine garaşylýany weli bellidi.
Çary baý Atda baýyň päki bilen ýarany diljek bolýanyny aňdy. Ýarasynyň agyrysy ýüregine dökülýän Çary baý häzir derdini

ýeňletjek islendik çärä-de razydy. Şol wagtam oslagsyz waka ýüze çykdy.
Aňyrdan apaň-apaň basyp gelýän ak kitelli, «jark-jark» seslenýän ýeňil ädikli, gaşlak başgaby gözüniň üstüni ýapyp duran dolmaçdan mapraç ýüz adam hökümdar garaýyş bilen ýörişine oturan türkmenleri synlap başlady.Ýeňiş lybasynda has abaýtoş görünýän generalyň gelşi howuňy basyjam bolsa, türkmenler tirpinmediler. Ýöne, diňe nökeru-wezir-wekilleriň däl, eýsem hut hanyň özüniňem gelmişegiň öňünde ýallaklaýşy weli, ähli gazaplary gözlerinde oýnaýan türkmenleriň aňyrsyny bäri getiripdi.
– Güjük bol-a haramzada, haýp saňa han ady!
Dişinden syzdyryp şuny aýdyp, gapdala tüýkürip goýberen öküzleriň kethudasy Ataş batyrdy. Synçy fon Kaufman ähli ahwalaty nazary bilen okap gelýärdi. Ýöne ol birden öz gözüne ynanmaýan ýaly, sakga durdy. Onuň yzyndan hasanaklap gelýän Muhammetrahym han syýnyna çolaşyp, tas ommalyp gidipdi.Ýeňiji gelýändir, han gelýändir öýtmän Atda baýyň päkisini süpürip, Çary baýyň ýeňine sygmajak bolýan goşaryna özüçe em etjek bolşy generaly gaty geň galdyrdy, dogrusy, wehime saldy.
«Eý, Hudaý, nähili millet bu türkmen diýilýäni?! Wagşy diýmäge diliň baranok, bu sözi daşymyzdan gaýtalaýanam bolsak, içki duýgymyz başga zat diýýär, ine, şony boýun almany oňarýasmy biz?! Gör-ä, bilgeşleýin edýän ýaly päkisini öwren bolup oturşyny! Göz üçin edýä, asly mertden ýasalan deýýus! «Türkmeniň ýurduny basyp alanam bolsaňyz, onuň özüni boýun egdirip bilen dälsiňiz, topragy goramak, namysy depeletmezlik üçin biziň ýaragymyz hemişe ýanymyzdadyr» diýildigi bu. Görüberýäs, nädersiňiz «Eý, aman!» diýiberseňiz. Ol oturan alagöz türkmeniň eline düşen ýarany bolsa…»
Fon Kaufman gapdalyna çala gaňrylyp bir zatlar diýdi. Gylyjynyň baljagyny ýandyzyna berk gysan adýudant hyrra yzyna öwrülip ylgap gitdi. General henizem doňup durdy. Daş-töwerekde adam-gara ýetigem bolsa, «siňek uçsa eşidiljek» diýilýän ümsümlikdi. Diňe Muhammetrahym han gözüni elek-çelek edip, gerekse-gerekmese zerli haladynyň ýakasyny çekişdirip, ýuka dodaklaryny müňküldedip, özünden-özi gorşaňlyk tapýar

diýäýmeseň, hiç kim sarsanokdam. Tomsuň ozalam petiş howasynda bu görnüş juda içgysdyryjy, howuňy basyjydy. Ylaýta-da özüni dünýäniň hökümdarydyryn öýdýän ak eşikli generalyň abşarylan, esgermezçilikli görnüşde «Edýänimi nähili görýäňiz?!» diýdirýän hereketi batnyksyzdy.
Ümsümligi ädimlerine bat berip gelen üç adam bozdy. Olaryň ikisiniň elinde ak gaňyrjak bardy. Generalyň deňinde sähel säginen wagtlary fon Kaufmanyň dodaklary çalaja gymyldady. Gözi penspeli, haşlap dem alýan çal saçly, ak murtly adam «bu ýeri biz üçin amatly däl» diýen manyda bir zatlar diýdi. Azajyk sesi gatan general onuň ýüzüne gaňrylybrak garady weli, ol derrew Çary baýa tarap ýumlugaýdy. Fon Kaufmanyň: «Näme eliňden gelýän bolsa, şu oturanlaryň gözüniň alnynda görkez!» diýip höküm edeni bes-bellidi.
Azzatda-mazzat bolup özüne ýapyşanlaryň biri derrew ýaraly gola sarymtyl-ýaşyl suwuklyk çalanda agyrynyň azalanyny duýan Çary baý geň galdy. «Derdiň üçin haram iýmegem, bigänäniň elinden şypa almagam günä däl» diýip, Abdyrahman işanam aýdardy. Bizem görübereli hany» diýip, öz-özüne teselli beren Çary baý aşak bakdy. «Temeni» dup-dury suwuklykdan dolduryp ýaranyň aşak etegine çümdürenlerinde eliniň doňana dönenini hemem golunyň agralanyny duýan Çary baý: «Bu ne gudratka?» diýip, bu gezek geň galdy. Galan işler gaty çalt boldy. Haşlap dem alýan deşli adam pyçaga meňzeş ýiti gural bilen ýaranyň üstüni kesip goýberende iriň gatyşykly gara gan tas göwşüllän halyny zaýalapdy, hernä gap goýup ýetişäýdiler. Ujy egrelip duran jübtek bilen ok giren ýeri dörenlerinde weli Çary baýyň gaşlary çytyldy. Daş-töwerekdäkiler demlerini tutup diýen ýaly oslagsyz «tomaşany» synlaýardylar. Muhammetrahym han näme? Şolam çigen nazaryny gyrp-gyrp etdirip, «Yzy niçik bolarka?» diýen terzde boýnuny sozup, Çary baý tarapdan gözüni aýranokdy. Beýle-beýle tebipçilik usulyny görmedik adamlar üçin, hakykatdanam, bu bolup duran zatlar gaty geňdi.
Çary baý jübtegiň «tyrk» edip oka degenini eşitmese-de, aňdy. Haşlap dem alýan adam bir zatlary eşidiler-eşidilmez madyrdady. Onuň bilen boýdaş duran ýaş ýigit ýumşa gaýymlyk bilen onuň ýüzüni elýaglyk bilen derhal süpürdi, sähel aşak

düşen «daş gözüni» (Çary baý öz içinden penspeli şeýle atlandyrypdy) ýokarrak süýşürdi. Jübtek kem-kemden bärik süýşüp ugrady. Şonuň bilen birlikde, goluň derdi-azaram daşa çykyp barýan ýalydy.

Maňlaýyna inen deri çep eli bilen sylan lukman emaý bilen sogrulan oky jübtek bilen çalarak ýokary galdyryp, «Görüň?» diýen alamat edende, fon Kaufman hem uludan dem aldy. Dymdyrslygy onuň hökümli owazy bozdy, terjimeçiniň onuň aýdanlaryny gylyny gymyldatman terjime etjek bolup janygyşy howlukmaç sesinden bildirip durdy:

– Görýäňizmi, biz diňe rus ýaragyndan atmagy däl, eýsem ol ýaragdan ýaralanan synalary bejermegi hem başarýandyrys. Ýöne biz diňe özümize eglişik edýänleriň ýarasyna em ederis…

Hökümdaryň soňky jümlesi Çary baýyň içinden ok bolup geçdi. Ýarany nähilidir bir suwuklyk bilen ýuwup, gyzlymtyl derman çalyp, ak hasa bilen daňylýan elini silkip alaga-da, häki oky ýene-de çykan ýerine salaýasy geldi. Beýdibilmejegini bilibem, başyny aşak salyp, hyrçyny dişläp oňaýdy. Fon Kaufman bolsa takal okamasyny lezzet bilen dowam etdirýärdi:

– Güýçlä boýun egmezlik akmaklyk bolýar, men muny harby adam bolanym üçin açyk aýdýaryn. Indi öňki düzgün üýtgär, hanlygyň çäginde hiç hili eden-etdilige ýol berilmez, diňe onuň Alyhezretleri beýik Russiýa patyşalygynyň kanunlary boýunça hereket ediler. Kimde-kim şuňa garşy gitse, berk temmä sezewar bolar. Türkmenleriň kakabaşlygy Hywa hanynyň halys bizarpeteňini çykarypdyr…

Soňky jümle terjime edilende Muhammetrahym han iki oduň arasynda galanyň hereketi bilen gorsanjyrady. Fon Kaufman hem hörpüniň aşa gidendigini aňanam bolsa, towuny ýazdyrmady:

– Siziň, ýagny türkmen aksakgallarynyň girew hökmünde şu ýere getirilişiniň sebäbini bilýäňizmi?! – Dymyşlyk uzaga çekse-de, jogap almajagyna gahary gelen general elini kelemenletdi: – Kontribusiýa, size düşnükli dilde aýdanda, uruş wagtynda salynýan mejbury tölegiň wagtynda ýygnalmandygy üçin, düşdüňizmi?! Onuň möçberi bolsa, elbetde siziň, ýagny türkmenleriň biziň garşymyza eden hereketlerine laýyk kesgitlendi. Ýöne siz – General elini daldala urandanda han

gorkusyna yza tesdi, türkmenler weli gara daş ýaly sarsman otyrdylar — Şol tölegi wagtynda ýygnap tabşyrmakdan-a geçen, gaýtam başbozarlyk edip, ýene biziň garşymyza çykdyňyz. Harby ýagdaýyň düzgünine görä bolsa, garşyňa çykana diňe tüpeňdir top görkezilýär, şuňa gaty berk düşüniň!
Generalyň hökümli sözi näçe batly ýaňlandygyça oturanlaryň başy aşak sallanýardy. Olaryň ählisi indi bir ýüpe — ors patyşasynyň diýdimzorlukly boýuntyrygyna düzülendikleri üçin diş gysyp, aşak bakýardylar.
Olaryň dogup-dörän obalarynda bolsa gylyç syrylýardy, tüpeň göçüp, top gümmürdeýärdi, tozgunçylyk tupany möwç urýardy. Mak Gahan ýazyp oturdy: «Biz ertesi ir bilen ýörişi dowam etdik…»

Gurbannazar Orazgulyýew. Hekaýalar